Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň
2023-nji ýylyň 15-nji maýyndaky 57-iş belgili

**B U Ý R U G Y**

**Durmuş hyzmatlarynyň peýdalanyjysy bolup biljek adamyň şahsy zerurlyklaryna baha bermegiň hem-de ony durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar etmegiň Tertibini tassyklamak hakynda**

2021-nji ýylyň 18-nji dekabrynda kabul edilen "Durmuş hyzmatlary hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň 9-njy maddasynyň 5-nji bendiniň "b" kiçi bendiniň talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Durmuş hyzmatlarynyň peýdalanyjysy bolup biljek adamyň şahsy zerurlyklaryna baha bermegiň hem-de ony durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar etmegiň Tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň orunbasary H.Taçjanowa gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M.Sylapow**

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty
durmuş taýdan goramak ministriniň
2023-nji ýylyň 15-nji maýynda çykaran
57-iş belgili buýrugy bilen tassyklandy

# Durmuş hyzmatlarynyň peýdalanyjysy bolup biljek adamyň şahsy zerurlyklaryna baha bermegiň hem-de ony durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar etmegiň TERTIBI

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Durmuş hyzmatlarynyň peýdalanyjysy bolup biljek adamyň şahsy zerurlyklaryna baha bermegiň (mundan beýläk – şahsy zerurlyklara baha bermek) hem-de ony durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar etmegiň tertibi (mundan beýläk – Tertip) 2021-nji ýylyň 18-nji dekabrynda kabul edilen “Durmuş hyzmatlary hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 9-njy maddasynyň 5-nji bendiniň “b” kiçi bendine laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy we şahsy zerurlyklara baha bermegiň hem-de adamy (maşgalany) durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar etmegiň esaslaryny kesgitleýär.

2. Türkmenistanyň raýatlarynyň, Türkmenistanyň çäginde hemişelik ýaşaýan daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň, şeýle hem bosgunlaryň milletine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk we wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, ýaşyna, saglyk ýagdaýyna ýa-da beýleki ýagdaýlara garamazdan bellenen tertipde durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar edilenden soň, durmuş hyzmatlaryndan peýdalanmaga hukugy bardyr.

3. Durmuş hyzmatlarynyň peýdalanyjysy bolup biljek adamyň şahsy zerurlyklaryny ýüze çykarmak we durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäçdigini anyklamak, şahsy zerurlyklara baha bermek esasynda amala aşyrylýar.

4. Tertibiň maksatlary üçin şu düşünjeler ulanylýar:

1) durmuş hyzmatlary bilen üpjün edijiler (mundan beýläk – Üpjün edijiler) durmuş taýdan hyzmat edýän edaralar, şeýle hem durmuş hyzmatlaryny edýän eýeçiligiň görnüşine garamazdan beýleki ýuridik şahslar we (ýa-da) hususy telekeçiler;

2) durmuş işi boýunça hünärmen (mundan beýläk – hünärmen) öz ýerine ýetirýän işiniň talaplaryna we häsiýetine laýyk gelýän, zerur hünär derejesi bolan, şahsy zerurlyklara baha bermegi amala aşyrýan we durmuş hyzmatlary edilende gatnaşýan hünärmen;

3) kyn durmuş ýagdaýy – adamlaryň aýratyn toparlarynyň şahsy zerurlyklaryna baha bermegiň netijeleri boýunça kesgitlenilýän, olaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini bozýan we özbaşdaklykda ýeňip bilmeýän, doly derejede jemgyýetiň durmuşyna gatnaşmak üçin göni päsgelçilikleri döredýän ýagdaý;

4) şahsy zerurlyklara baha bermek – durmuş işi boýunça hünärmen tarapyndan durmuş hyzmatlarynyň peýdalanyjysy bolup biljek adamyň ýanyna barlanda onuň durmuş goldawyna bolan şahsy zerurlyklaryny ýüze çykarmak, durmuş hyzmatlaryny peýdalanmaga hukugyny bellemek maksady bilen geçirilýän barlag;

5) toplumlaýyn baha bermek – şahsy zerurlyklara baha bermegiň netijeleri boýunça durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýlip ykrar edilen adam bilen şertnama baglaşmak we Aýratyn meýilnamany düzmek maksady bilen geçirilýän barlag;

6) adamy durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar etmek boýunça topar (mundan beýläk – topar) - şahsy zerurlyklara baha bermegiň netijelerine esaslanyp, adamy (maşgalany) durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç (ýa-da mätäç däl) diýip ykrar etmek barada çözgüt kabul edýän, Üpjün edijileriň ýolbaşçylaryndan we zerur bolan halatynda pudagara gatnaşyklaryň esasynda degişli hünärmenleriň täk sanyndan düzülýän adamlaryň ýörite topary;

7) şahsy zerurlyklara gaýtadan baha bermek – Şahsy zerurlyklara baha bermegiň netijesinde durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýlip ykrar edilen we özüne durmuş hyzmatlary edilýän adam (mundan beýläk – Peýdalanyjy) üçin toplumlaýyn baha bermegiň esasynda düzülen Aýratyn meýilnamanyň netijelerine gaýtadan seredilmegi üçin geçirilýän barlag.

5. Adamlaryň aýratyn toparlarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini bozýan, doly derejede jemgyýetiň durmuşyna gatnaşmakda göni päsgelçilikleri döredýän, özbaşdaklykda ýeňip bilmeýän kyn durmuş ýagdaýlaryny kesgitlemek üçin, işiň barşynda pudagara gatnaşyklaryň esasynda degişli hünärmenleriň (psiholog, pedagog, lukman we ş.m.), adamyň (maşgalanyň) şahsy zerurlyklaryna baha bermäge çekilmegine ýol berilýär.

6. Hünärmen tarapyndan şahsy zerurlyklara baha berlende durmuş hyzmatlarynyň peýdalanyjysy bolup biljek adamyň janyna, saglygyna howp salýan, hukuklaryny we azatlyklaryny kemsidýän we şahsy emlägine zeper ýetirýän ýagdaýlar ýüze çykarylan ýagdaýynda, bu barada hünärmen haýal etmän degişli edaralara habar berýär.

7. Hünärmen tarapyndan şahsy zerurlyklara baha berlende durmuş hyzmatlarynyň peýdalanyjysy bolup biljek adamyň maşgala düzüminiň saglyk ýagdaýy bilen baglylykda saglygy goraýyş edarasynyň netijenamasy hem-de durmuş hyzmatlaryna aýratyn zerurlyklaryny kesgitleýän beýleki şertler göz öňünde tutulmalydyr.

8. Saglygy goraýyş edarasynyň netijenamasy esasynda bakteriýa göteriji ýa-da wirus saklaýjy bolup durýan raýatlar ýa-da özlerinde arakhorluk, neşekeşlik, psihotrop serişdeleri bilen baglanyşykly keselleri, ýokanç karantin keselleri, inçekeseliň aktiw görnüşleri, psihiki taýdan näsaglygy, deri keselleri we ýöriteleşdirilen saglygy goraýyş edaralarynda bejerilmegi talap edilýän beýleki keselleri bar bolan adamlar şu Tertibe laýyklykda şahsy zerurlyklara baha bermeklige degişli däldir.

## II bap. Şahsy zerurlyklaryna baha bermegiň hem-de durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar etmegiň esaslary

9. Şahsy zerurlyklara baha bermek peýdalanyjy bolup biljek adama (maşgala) durmuş hyzmatlarynyň haýsy görnüşleriniň we formalarynyň zerurlygyny, şertlerini, hödürlenýän durmuş hyzmatlaryny etmegiň möhletini, töleginiň şertlerini kesgitlemek we çözgüt kabul etmek maksady bilen amala aşyrylýar.

10. Şahsy zerurlyklara baha berlende durmuş hyzmatlarynyň peýdalanyjysy bolup biljek adamyň (maşgalanyň) ýaşaýyş şertleri, maşgala ýagdaýy, durmuş taýdan hyzmat edilmeginde saglygy goraýyş taýdan garşy görkezmeleriň ýokdugy göz öňünde tutulmalydyr.

11. Şahsy zerurlyklara baha bermek durmuş hyzmatlarynyň peýdalanyjysy bolup biljek adamyň (ýa-da kanuny wekiliniň) ýazmaça arzasy esasynda öýünde ýa-da hemişelik ýaşaýan ýerinde geçirilýär.

12. Şahsy zerurlyklara baha bermek durmuş hyzmatlarynyň edilmegi barada arza gelip gowşan gününden 3 (üç) iş gününiň dowamynda, Üpjün edijileriň hünärmeni tarapyndan geçirilýär.

13. Şahsy zerurlyklara baha bermek aşakdaky ýagdaýlaryň seljerilmegi we umumylaşdyrylmagy esasynda amala aşyrylýar:

1) durmuş hyzmatlarynyň peýdalanyjysy bolup biljek adamyň (maşgalanyň) şahsy zerurlyklary barada umumy maglumaty we ýagdaýlary anyklamak, jemlemek;

2) adamyň jemgyýetiň durmuşyna doly we işjeň gatnaşmagyna bolan ukybyny kesgitlemek;

3) maddy we ýaşaýyş durmuş şertlerini kesgitlemek;

4) adamlaryň aýratyn toparlarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini bozýan we olaryň özbaşdaklykda ýeňip bilmeýän, doly derejede jemgyýetiň durmuşyna gatnaşmak üçin göni päsgelçilikleri döredýän ýagdaýlaryň biriniň ýa-da birnäçesiniň bardygyny kesgitlemek;

5) durmuş hyzmatlarynyň peýdalanyjysy bolup biljek adamyň öň haýsy durmuş hyzmatlaryndan peýdalanýandygyny kesgitlemek;

6) ýüze çykyp biljek kyn durmuş ýagdaýyny çaklamak we öňüni almak boýunça işleri geçirmek;

7) kyn durmuş ýagdaýyny ýeňip geçmek we (ýa-da) özüni jemgyýetden üzňe hasaplamazlygy üçin goldaw we kömek bermek;

8) maşgala ýagdaýy, ýaşaýyş şertleri, maşgaladaky we jemgyýetdäki şahsy gatnaşyklaryny öwrenmek.

14. Adamy durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar etmek üçin esaslar şu aşakdakylardan ybarat:

1) maýyplygy (Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Hemaýata mätäçligi anyklaýjy toparlary tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde ykrar edilen maýyplygy bolan adam we maýyplygy bolan çaga);

2) garrylygy (62 ýaşy dolan erkek adamlar we 57 ýaşy dolan aýal maşgalalar);

3) önümçilikde şikes almagynyň we hünär keseliniň netijeleri;

4) ekleýjisini ýitirmegi, ýekeligi, ýetimligi, garawsyzlygy we gözegçiliksizligi;

5) belli bir ýaşaýan ýeriniň bolmazlygy;

6) hemişelik ýaşaýan ýurduny mejbury çalyşmagy;

7) adam söwdasynyň pidasy bolmagy ýa-da oňa barabar edilmegi;

8) zorluk ýa-da jany üçin töwekgelçilik bilen bagly ýagdaýlaryň netijeleri;

9) maşgala şowsuzlygy;

10) adamyň özbaşdak ýeňip bilmejek beýleki kyn durmuş ýagdaýlary.

15. Hünärmen şahsy zerurlyklara baha bermegiň netijelerini resmileşdirip, şahsy zerurlyklara baha bermek resminamasyny doldurýar (şu Tertibe 1-nji goşundy) we bu resminama beýleki işe çekilen hünärmenler (baha bermekde gatnaşan) tarapyndan tassyklanylýar, şeýle hem durmuş hyzmatlarynyň peýdalanyjysy bolup biljek adama (maşgala) 2 (iki) iş gününiň dowamynda bu resminama bilen tanyşmak we pikirini erkin beýan etmek üçin mümkinçilik döredilýär.

16. Şahsy zerurlyklara baha bermegiň netijeleri alnandan soň, topar adamy durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç (ýa-da mätäç däl) diýip ykrar etmek barada çözgüt kabul edýär we Üpjün ediji iki iş gününiň dowamynda (nobat bolmadyk ýagdaýynda) durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar edilen adama durmuş hyzmatlarynyň edilmegi üçin ýollaýyş hatyny berýär ýa-da saglyk ýagdaýynyň töwekgelçiligini hasaba almak bilen, nobata goýmak barada habarnama iberýär.

Nobata goýmak meselesi Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksiniň 114-nji, 118-nji, 120-nji we 149-njy maddalarynda göz öňünde tutulan nobatsyz kabul edilmäge degişli adamlaryň aýratyn toparlaryna degişli däldir.

## III bap. Adamy durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar etmek boýunça toparyň işi

17. Topar durmuş hyzmatlarynyň edilmegini sorap arza bilen ýüz tutan adama (maşgala) geçirilen şahsy zerurlyklara baha bermek işini seljermek, adamy (maşgalany) durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç (ýa-da mätäç däl) diýip ykrar etmek, şeýle hem mätäç diýip ykrar edilen halatynda edilmeli durmuş hyzmatlarynyň formasyny, görnüşini, şertlerini, dowamlylygyny, göwrümini, töleginiň şertlerini kesgitlemek üçin şu Tertibe laýyklykda döredilýär we işleýär.

18. Toparyň düzümi azyndan üç adamdan ýa-da başga täk sandan, şol sanda degişli edaranyň ýolbaşçysy, müdirlikleriniň (bölümleriniň) wekillerinden, zerur bolan halatynda pudagara gatnaşyklaryň esasynda degişli hünärmenlerden, şeýle hem kätipden ybarat düzümde döredilýär.

19. Zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda özüne durmuş hyzmatlarynyň edilmegini sorap arza bilen ýüz tutan adamyň (maşgalanyň) işine seretmek üçin toparyň düzümine Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2022-nji ýylyň 11-nji oktýabrynda 1649 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, “Durmuş

hyzmatlaryny etmegiň Tertibini tassyklamak hakynda" Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2022-nji ýylyň 19-njy awgustynda çykaran 71-iş belgili buýrugy bilen tassyklanan, Durmuş hyzmatlaryny etmegiň Tertibine (mundan beýläk - Durmuş hyzmatlaryny etmegiň Tertibi) laýyklykda pudagara hyzmatdaşlyga esaslanyp degişli hünärmenler çekilip bilner.

20. Toparyň düzümi Üpjün edijiniň buýrugy bilen tassyklanylýar.

21. Şu Tertibe laýyklykda durmuş hyzmatlarynyň edilmegini sorap ýüz tutan adamyň (maşgalanyň) arzasy we oňa degişli resminamalar şeýle-de şahsy zerurlyklara baha bermegiň netijeleri toparyň garamagyna berilýär.

22. Toparyň durmuş hyzmatlarynyň edilmegini sorap ýüz tutan adam (maşgala) tarapyndan berlen maglumatlaryň hakykylygyny barlamaga hukugy bardyr.

23. Topar özüne durmuş hyzmatlarynyň edilmegini sorap arza bilen ýüz tutan adamy (maşgalany) durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç (ýa-da mätäç däl) diýip ykrar etmek barada çözgüt kabul edýär we ony toparyň ýygnagynyň teswirnamasynda görkezýär.

Toparyň agzalarynyň umumy sanynyň ýarysyndan köpüsiniň gatnaşmagynda adamy (maşgalany) durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç (ýa-da mätäç däl) diýip ykrar etmek boýunça işe seredilip bilner. Toparyň çözgüdi agzalarynyň sesleriniň köplügi bilen ses bermek arkaly kabul edilýär.

Gaýragoýulmasyz durmuş kömegini etmek baradaky çözgüt haýal edilmän kabul edilýär.

24. Adam durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar edilenden soň durmuş taýdan hyzmat edýän edaralarda boş ýerleriň ýokdugy anyklanylsa, mätäç diýip ykrar edilen adam şu Tertibiň on altynjy böleginiň ikinji tesimine laýyklykda, "durmuş hyzmatlary etmek üçin nobata goýlan" diýlip degişli hasaba alyş kitabyna bellik edilýär.

25. Durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar edilen adama şahsy işi açylýar.

26. Durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar edilen adama şahsy işi açylanyndan soňra anyklanan ýagdaýlary aradan aýyrmak, ýüze çykan zerurlyklary oňyn çözmek üçin ýerine ýetirilmeli wezipeler we çäreler, ony ýerine ýetirmegiň möhleti, bu wezipeleri ýerine ýetirmek boýunça jogapkär adamlar bellenilip, Durmuş hyzmatlaryny etmegiň Tertibiniň 3-nji goşundysynda görkezilen görnüşde Aýratyn meýilnama düzülýär.

## IV bap. Durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar edilen adamyň şahsy zerurlyklaryna toplumlaýyn baha bermek

27. Durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar edilen adamyň şahsy zerurlyklaryna toplumlaýyn baha bermegiň mazmuny hünärmen tarapyndan durmuş hyzmatlarynyň peýdalanyjysy bolup biljek adamyň (ýa-da maşgalasynyň) şahsy zerurlyklaryny giňişleýin we çuňňur öwrenmek, şeýle hem durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç adamyň we onuň ýakyn gurşawynyň Şahsy zerurlyklara baha bermek resminamasyna laýyklykda, topar tarapyndan adamy

durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar edilmeginiň esasynda iň gowy bähbitleriniň mümkinçiliklerini üpjün etmek maksady bilen geçirilýär.

28. Hünärmen Peýdalanyjy bolup biljek adamyň şahsy zerurlyklaryna baha bermek üçin öýüne baranda adamyň şahsy zerurlyklaryna gabat gelmeýän töwekgelçilikli ýagdaýlar we şertler ýüze çykarylanda, dessin toplumlaýyn baha bermegi geçirip biler. Muňa adamyň ýaramaz şertlerde ýaşamagy, ýaşaýyş jaýynyň howpsuzlygynyň töwekgelçiligi, maşgalanyň maddy derejesiniň pesligi we beýlekiler sebäp bolup biler. Şeýle hem, toplumlaýyn baha bermegi geçirmek üçin adamyň kyn durmuş ýagdaýyny we şertlerini beýan edýän maglumat hem sebäp bolup biler.

29. Toplumlaýyn baha bermek şu aşakdaky ýagdaýlary seljerme we umumylaşdyrma esasynda geçirilýär:

1) adamlaryň aýratyn toparlarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini bozýan, doly derejede jemgyýetiň durmuşyna gatnaşmakda göni päsgelçilikleri döredýän, özbaşdaklykda ýeňip bilmeýän kyn durmuş ýagdaýlaryny çuňňur öwrenmek;

2) durmuş hyzmatlarynyň edilmeginiň ugurlary we maksatlary;

3) kyn durmuş ýagdaýyna düşen adama kömek we goldaw berilmegiň zerurlygy;

4) jemgyýetde we maşgala gurşawynda ýaşaýyş şertleri, şahsy gatnaşyklary;

5) beýleki ýagdaýlary.

30. Toplumlaýyn baha bermegi resmileşdirmek üçin peýdalanylýan bellenilen görnüş:

1) Peýdalanyjynyň toplumlaýyn bahalandyrylmagy (şu Tertibe 2-nji goşundy);

2) çaga, onuň maşgalasyna we ýakyn gurşawynyň ýagdaýyna toplumlaýyn baha bermegiň görnüşi (şu Tertibe 3-nji goşundy).

31. Käbir ýagdaýlarda durmuş hyzmatlarynyň Peýdalanyjysy bolup biljek adamyň zerurlyklaryny doly ýüze çykarmak maksady bilen toplumlaýyn baha bermek şu aşakda görkezilen ýagdaýlarda gaýtadan hem geçirilip bilner:

1) Peýdalanyjynyň gaýtadan baha bermekligi sorap arza bilen ýüz tutan ýagdaýynda;

2) durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar edilen adamyň zerurlyklary aradan aýrylan ýagdaýynda;

3) Aýratyn meýilnamada görkezilen çäreler doly ýerine ýetirilip bilinmedik ýagdaýynda;

4) durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar edilen adamyň goşmaça zerurlyklarynyň ýüze çykan ýagdaýynda.

## V bap. Jemleýji düzgünler

32. Şu Tertibiň kadalarynyň durmuş hyzmatlary babatynda iş alyp barýan döwlet edaralary, ýuridik şahslar we hususy telekeçiler tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmanydyr we onuň kadalarynyň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.

33. Şu Tertip bilen düzgünleşdirilmedik gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Durmuş hyzmatlarynyň peýdalanyjysy bolup biljek adamyň şahsy zerurlyklaryna baha bermegiň hem-de ony durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar etmegiň Tertibine 1-nji goşundy

## Şahsy zerurlyklara baha bermek

(ähli ýüzlenmeler üçin doldyrylýar: adamlar, çagalar, maşgala agzalary)

Şahsy zerurlyklaryny bahalandyrma üçin adamyň dilden beren razylygy: □ Hawa □ Ýok

Bahalandyrmanyň geçirilen senesi: ______________________ 20__ ý.

**I. Umumy maglumatlar**

Ýüzlenen ýa-da maglumatda görkezilen adamyň familiýasy, ady, atasynyň ady ____________________________

Doglan senesi: □□ güni □□ aýy □□□□ ýyly

Ýaşaýan ýeriniň salgysy: ____________________________________________________________________________

Telefon belgisi: ____________________________________________________________________________________

Jynsy: erkek □ aýal □ çaga □

**II. Maglumatyň çeşmesi:**

| | | |
|---|---|---|
| **1.** | Özi ýüzlendi | □ |
| **2.** | Maşgala agzalary ýüzlendi | □ |
| **3.** | Edara, gurama, kärhanalar hem-de hünärmenler ýüzlendi | □ |
| **4.** | Goňşular, adamlaryň topary ýüzlendi | □ |
| **5.** | Durmuş işi boýunça hünärmen ýüze çykardy | □ |
| **6.** | Beýleki çeşmeler (görkezmeli) | |

**III. Maşgalanyň düzümi, hojalykda ýaşaýan adamlar**

| № | Familiýasy, ady, atasynyň ady | Garyndaşlyk derejesi |
|---|---|---|
| **1.** | | |
| **2.** | | |
| **3.** | | |
| **4.** | | |
| **5.** | | |
| **6.** | | |

**IV. Ýaşaýyş şertleri**

Ýaşaýyş jaýynyň görnüşi:

| | |
|---|---|
| □ hususy ýaşaýyş jaýy | □ döwlete degişli ýaşaýyş jaýy |
| □ kärendesine alnan ýaşaýyş jaýy | □ umumy ýaşaýyş jaýy |
| □ beýlekiler (takyklamaly) | |

Emläk:

| | |
|---|---|
| □ telewizor | □ holodilnik |
| □ gaz plitasy | □ kir ýuwujy maşyn |
| □ beýleki emläkler (awtoulag, oba hojalyk enjamlary) | |

Şertler:

| | |
|---|---|
| □ gaz üpjünçiligi | □ ýyladyş (nähili) |
| □ elektrik energiýasy | □ suw üpjünçiligi |
| □ beýlekiler: | |

Arassaçylyk şertleri: ____________________________________________________________________

Beýleki maglumatlar: ____________________________________________________________________

Maşgalanyň ýaşaýyş şertleri barada umumy netije: ______________________________________________

**V. Adamyň, maşgalanyň duçar bolýan kynçylyklary, meseleleri, şeýle hem bar bolan töwekgelçilikler** (adamyň we maşgala agzalarynyň öz sözlerine esaslanyp beýan edilmeli)**:**

**Kyn durmuş ýagdaýynyň ilkinji alamatlary**

| **№** | **Kyn durmuş ýagdaýynyň döremegini kesgitleýän sebäpler** | **Barlygy/hawa** |
|---|---|---|
| **1.** | Ýaşaýyş şertleriniň ýoklugy | □ |
| **2.** | Durnuksyz girdeji | □ |
| **3.** | Iň esasy islegleri kanagatlandyrmak üçin ýeterlik bolmadyk girdeji | □ |
| **4.** | Maýyplyk ýa-da dowamly keseller | □ |
| **5.** | Gündelik işleri ýerine ýetirmek üçin başga bir adamyň goldawyna mätäçlik (maýyplygy bolan we gartaşan, şol sanda hossarsyz adamlar üçin) | □ |
| **6.** | Jemgyýetiň durmuşyna gatnaşmaga ukyplarynyň bolmazlygy (şol sanda, bilim, iş üpjünçiligi, durmuş, sport we medeni çärelerine) | □ |
| **7.** | Maşgala şowsuzlygy | □ |
| **8.** | Maliýe kynçylyklary | □ |
| **9.** | Şahsyýetini tassyklaýan resminamalaryň ýitmegi | □ |
| **10.** | Zyýanly endikler (neşekeşlik, arakhorlyk, humar oýnamak) | □ |
| **11.** | Jemi bellenen alamatlar | |

| **Adamyň, maşgalanyň duçar bolýan kynçylyklary, meseleleri barada doly maglumat, şeýle hem bar bolan töwekgelçilikler** |
|---|
| |

**VI. Adama we onuň maşgalasyna berilýän hyzmatlar ýa-da olaryň mätäçligi**

| **Hyzmatlaryň görnüşleri** | **Peýdalanýan hyzmatlarynyň görnüşleri** | **Hyzmatlara mätäçligi** | **Hyzmatlardan peýdalanmak üçin arza bermegiň sebäbi** | **Senesi** |
|---|---|---|---|---|
| sosial – durmuş | □ | □ | | |
| sosial-saglygy goraýyş | □ | □ | | |
| sosial – psihologik | □ | □ | | |
| sosial – pedagogiki | □ | □ | | |
| sosial – zähmet | □ | □ | | |
| sosial – hukuk | □ | □ | | |

**VII. Netijeler:** ____________________________________________

**VIII. Indiki edilmeli işler barada teklipler:**

| | |
|---|---|
| Ýüzlenmä gyssagly jogap berip, ýagdaýy/işi açmak zerurdyr (mysal üçin, adamlaryň/çagalaryň saglygyna we janyna howp salynýan ýagdaýynda); | □ |
| Adamyň we/ýa-da onuň maşgalasynyň kyn durmuş ýagdaýy baradaky maglumatlar tassyklandy, ýagdaýy/işi açmaly we zerur kömegi meýilleşdirmeli; | □ |
| Adamyň we/ýa-da onuň maşgalasynyň kyn durmuş ýagdaýy baradaky maglumatlary bölekleýin tassyklandy, bir gezeklik kömek berilmeli ýa-da beýleki düzümlere, guramalara ugrukdyrmaly; | □ |
| Adamyň we/ýa-da onuň maşgalasynyň kyn durmuş ýagdaýy baradaky maglumatlary tassyklanmady, ol we/ýa-da onuň maşgalasy durmuş hyzmatlaryna mätäç däl. | □ |

**Durmuş işi boýunça hünärmen**: ____________________________________

Adamyň şahsy zerurlyklaryna baha bermek işine gatnaşyjylar:

| **№** | **Ady, familiýasy, atasynyň ady** | **Wezipesi** | **Goly** |
|---|---|---|---|
| **1.** | | | |
| **2.** | | | |
| **3.** | | | |
| **4.** | | | |
| **5.** | | | |
| **6.** | | | |
| **7.** | | | |

Durmuş hyzmatlarynyň peýdalanyjysy bolup biljek adamyň şahsy zerurlyklaryna baha bermegiň hem-de ony durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar etmegiň Tertibine 2-nji goşundy

# Peýdalanyjynyň toplumlaýyn bahalandyrylmagy

**Toplumlaýyn bahalandyrmagyň döwri:** ______________________-dan (den)________________________çenli

**I. Umumy maglumatlar**

Ýüzlenen ýa-da maglumatda görkezilen adamyň familiýasy, ady, atasynyň ady ________________________________

Doglan senesi: □□ güni □□ aýy □□□□ ýyly

Ýaşaýan ýeriniň salgysy: ________________________________________________________________

Telefon belgisi: ____________________________________________________________________

Jynsy: erkek □ aýal □

Maşgala ýagdaýy: maşgalaly □ nikasy bozulan □ ýeke ýaşaýan □

Bilimi: umumy orta □ başlangyç orta □ ýörite orta □ ýokary □

Meşgullanýan işi/käri ______________________________________________________________

**II. Peýdalanyjynyň maşgala düzümi barada maglumat**

| № | Familiýasy, ady, atasynyň ady | Garyndaşlyk derejesi | Doglan senesi | Iş bilen üpjünçiligi | Telefon belgisi |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. | | | | | |
| 2. | | | | | |
| 3. | | | | | |
| 4. | | | | | |
| 5. | | | | | |
| 6. | | | | | |

**III. Peýdalanyjynyň jemgyýetiň durmuşyna gatnaşygy**

| Bahalandyrmagyň görkezijileri | Netijesi (bellik etmeli) | | |
|---|---|---|---|
| Alçak, beýlekiler bilen gatnaşyklary ýola goýmaga we saklamaga bolan ukyplylygy | Hawa □ | Ýok □ | Bölekleýin □ |
| Dostlary bar we goňşylary bilen gowy aragatnaşyk saklaýar | Hawa □ | Ýok □ | Bölekleýin □ |
| Mesele ýüze çykan halatynda dostlaryna, goňşularyna kömek sorap ýüzlenip bilýär we berlen kömegi alýar | Hawa □ | Ýok □ | Bölekleýin □ |
| Jemgyýetçilik çärelerine gatnaşýar | Hawa □ | Ýok □ | Bölekleýin □ |
| *Peýdalanyjynyň durmuş töweregi bilen bagly goldaw boýunça netije çykarmak:* | | | |

**IV. Ýaşaýyş şertleri:** öýüň hukuk ýagdaýyny bellik etmeli;

hususy jaý □; öý □; kireýine tutulan jaý □; beýleki (anyklamaly) ____________________

Otag sany _______; Jaýyň umumy meýdany _______; Hojalykda peýdalanylýan ýer bölegi ___________;
Şertleri: gaz bar_____; ýyladyş (haýsy gaz peç)________, elektriki energiýa bar__________,
suw bar_________; Beýleki ýagdaýlar:_____________________________ ___________________________

Jaýyň arassaçylyk ýagdaýy (sanitar-gigiýeniki): ____________________________________________

**V. Peýdalanyjynyň we onuň maşgalasynyň girdejileri we girdeji çeşmeleri**
(bellik etmeli)

Zähmet aýlygy□; Möwsümleýin iş□; Hakyna tutma iş □; Hojalykdan gelýän girdeji□;
Pensiýa□; Beýleki (görkezmeli) ________________________________________________________

Bu girdeji näme üçin ýeterlik (aşagyny çyzmaly): jemagat hyzmatlary, iýmit, derman, egin-eşik, aýakgap, beýlekiler (görkezmeli) ______________________________________________________________________

**VI. Bahalandyrylýan wagty uly ýaşly adam bilen bagly waka (hadysa) (onuň sözünden beýan etmeli):**

| | |
|---|---|
| Meşgullanýan zady | |
| Özbaşdaklyk derejesi | |
| Boş wagty we dynç alyşy | |
| Jemgyýetiň durmuşynda gatnaşygy | |
| Beýleki (beýan etmeli) | |

**VII. Adam we onuň maşgalasynyň duş gelýän meseleleri (onuň sözünden beýan etmeli):**

| | |
|---|---|
| | |
| **Uly ýaşly adam bilen bagly wakanyň (hadysanyň) güýçli taraplary** | **Uly ýaşly adam bilen bagly wakanyň (hadysanyň) gowşak taraplary** |
| | |

**VIII. Bahalandyrmagyň jemleri boýunça netije. Adamyň mätäçlikleri**

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

**IX. Bahalandyrmagyň netijeleri boýunça maslahat:**

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

**X. Bahalandyrmagyň netijelerine degişlilikde adamyň pikir-düşünjesi**

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

**Durmuş işi boýunça hünärmen**: ______________________________________________

Adamyň şahsy zerurlyklaryna baha bermek işine gatnaşyjylar:

| **№** | **Ady, familiýasy, atasynyň ady** | **Wezipesi** | **Goly** |
|---|---|---|---|
| **1.** | | | |
| **2.** | | | |
| **3.** | | | |
| **4.** | | | |
| **5.** | | | |

Durmuş hyzmatlarynyň peýdalanyjysy bolup biljek adamyň şahsy zerurlyklaryna baha bermegiň hem-de ony durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar etmegiň Tertibine 3-nji goşundy

**Çaganyň, onuň maşgalasynyň we ýakyn gurşawynyň toplumlaýyn bahalandyrylmagy**

**Çaga baha bermegiň döwri:** ____________________________-dan (den)___________________________çenli

***§1. Çaganyň bahalandyrylmagy***

**I. Umumy maglumatlar**

Çaganyň familiýasy, ady, atasynyň ady ___________________________________________________________

Doglan senesi: □□ güni □□ aýy □□□□ ýyly

Ýaşaýan ýeriniň salgysy: ______________________________________________________________________

Jynsy: oglan □ gyz □

Dogluş hakyndaky şahadatnamasy boýunça maglumatlar______________________________________________

**II. Maşgala agzalary**

| **№** | **Familiýasy, ady, atasynyň ady** | **Garyndaşlyk derejesi** | **Doglan senesi** | **Iş bilen üpjünçiligi** | **Telefon belgisi** |
|---|---|---|---|---|---|
| **1.** | | | | | |
| **2.** | | | | | |
| **3.** | | | | | |
| **4.** | | | | | |
| **5.** | | | | | |
| **6.** | | | | | |

**III. Çaganyň beýleki durmuş hyzmatlaryny edýän edaralar bilen gatnaşygy barada maglumat:**

**Bilim edaralary (öňki we häzirki wagty barada maglumat)**

Mekdebe çenli bilim edaralary ______________________________________________________________

___________________________________________________________________________________________

Umumy orta bilim berýän edaralary___________________________________________________________

___________________________________________________________________________________________

Beýlekiler _________________________________________________________________________________

Gatnaýan bilim edarasynyň salgysy ___________________________________________________________

Häzirki wagtda ýolbaşçysy/terbiýeçisi (F.A. we A.a.): _____________________________________________

Telefon: ___________________________

**Saglygy goraýyş edaralary (öňki we häzirki wagty barada maglumat)**

Hasapda duran saglyk öýi we maşgala lukmany (F.A. we A.a./tel):______________________________________

___________________________________________________________________________________________

Hünärmen lukman tarapyndan hasaba alynmagynyň sebäbi ___________________________________________

___________________________________________________________________________________________

___________________________________________________________________________________________

Hünärmen-lukmanyň ugry we F.A. we A.a.: _____________________________________________________

Soňky gezek hünärmen-lukmana ýüzlenen senesi, bejergi alan wagty we bejerginiň görnüşi___________________

___________________________________________________________________________________________

Maýyplygy bolan çaga: Hawa □ Ýok □, bellenen senesi____________, Resminamanyň belgisi №_________

Saglygy goraýyş hyzmatlaryna mätäçligi _________________________________________________________

**Durmuş hyzmatlaryny edýän edaralary (öňki we häzirki wagty barada maglumat)**

Durmuş hyzmatlary, kömek pullary we beýlekileri alýandygy ýa-da almaýandygy barada maglumat _____________

___________________________________________________________________________________________

Maşgalasyndan aýrylmaklygynyň sebäbi _________________________________________________________

çaganyň maşgaladaky ýagdaýy (hossarlyk, howandarlyk, ýatymlaýyn edaralary, beýlekiler ýa-da durmuş goldawyndan peýdalanmaýandygy barada maglumat) ______________________________________________

___________________________________________________________________________________________

**Hukuk goraýjy edaralar (öňki we häzirki wagty barada maglumat)**

Çaga hukuk goraýjy edaralarynda hasapda durýandygy ýa-da durmaýandygy barada _________________________

Hasaba alynmagynyň sebäbi ___________________________________________________________________
Polisiýanyň ýerli wekili (F.A. we A.a., tel) ____________________________________________________

**IV. Çaganyň abadançylygy:** (Çaganyň abadançylygy nukdaýnazaryndan gabat gelýän jogaby belläň we jikme-jik aýratynlyklaryny degişli boş setirde düşündiriň)

| | |
|---|---|
| **1. Howpsuzlyk** *(hawa, ýok, bölekleýin hem-de degişli däl diýip bellik etmeli)* | |
| Çaga özüni öýünde howpsuz duýýar (maşgalada zorluk çekmeýär, ene-atalar/howandarlar zorluksyz temmi berme usullaryny ulanýarlar) | |
| Çaganyň ýaşaýan ýeri ýaşamak we ösmegi üçin laýyk gelýär (elektrik togy geçirilen, sowuk wagtlary ýyladylýar, üçeginden suw geçirmeýär, ýatmaga, oýnamaga, öý işlerini ýerine ýetirmäge şertler bar, peç, elektriki we gaz enjamlaryny ulanmagyň kadalary berjaý edilýär we beýlekiler) | |
| Çaga özüni mekdepde/çagalar bagynda howpsuz duýýar (zorluga sezewar edilmeýär, çagalar tarapyndan we/ýa-da ulular tarapyndan kemsidilmeýär, heläkçilikli hadysalar, şikes alma töwekgelçiligine sezewar edilmeýär) | |
| Çaga özüni jemgyýetde howpsuz duýýar (daşary çykmakdan gorkmaýar, ulular bilen bilelikde çykýar (ýaşy kiçi ýa-da maýyp çagalar üçin), çaganyň mekdepden öýüne çenli ýoly howpsuz we beýlekiler) | |
| Mekdebe çenli ýaşynda çaga hemişe ygtybarly uly ýaşly adamyň göz astynda | |
| Ene-ata hemişe çaganyň bolýan ýerini bilýär (öýde bolmadyk wagty) | |
| *Eger siz “Ýok”, “Bölekleýin” ýa-da “Käwagt” jogabyny beren bolsaňyz, onda aýratynlyklaryny görkeziň.* | |
| **2. Saglyk** *(hawa, ýok, bölekleýin hem-de degişli däl diýip bellik etmeli)* | |
| Çaganyň şahsy gigiýena esbaplary (diş çotkasy, darak, süpürgiç we beýlekiler) bar we arassa ýerde saklanýar. | |
| Çaganyň şahsy gigiýena, egin-eşik arassaçylygy we öz otagynyň arassaçylyk endikleri ösen | |
| Saglyk meseleleri bar bolan çaga wagtly-wagtynda lukmançylyk gözegçiliginden geçýär, bejergi/saglygyny dikeldiş çärelerini alýar. | |
| Çaga öz saglygynyň aýratynlyklaryny bilýär we öz saglygy barada alada edýär (dermanlary içmek, berhiz tutmak we ş.m.) | |
| *Eger siz “Ýok” ýa-da “Bölekleýin” jogabyny beren bolsaňyz, onda aýratynlyklaryny görkeziň.* | |
| **3. Bilimi we gazananlary** *(hawa, ýok, bölekleýin hem-de degişli däl diýip bellik etmeli)* | |
| Çaga ýaşyna laýyklykda ösmek we okamak üçin şertler döredildi (oýunjaklar kitaplar we okuw kitaplary we beýlekiler) | |
| Çaga mekdebe gidýär we zerur bolanda goşmaça goldaw alýar | |
| Ene-ata çaganyň ukyplarynyň ösdürilmegi, öý işleriniň ýerine ýetirilmegi, dürli çärelere gatnaşmagy üçin goldaw berýärler | |
| *Eger siz “Ýok” ýa-da “Bölekleýin” jogabyny beren bolsaňyz, onda aýratynlyklaryny görkeziň.* | |
| **4. Emosional gatnaşyklar we emosional ösüş** *(hawa, ýok, bölekleýin hem-de degişli däl diýip bellik etmeli)* | |
| Çaga, iň bolmanda, ene-atanyň birine has ýakyn | |
| Çaga ýakynlarynyň mähirli aladasy bilen gurşalan (gujaklamalar, emosional ýürekdeşlik, mähir) | |
| Çaganyň üsti-başy arassa we tertipli (howa şertlerine laýyk gelýän arassa egin-eşik, saçy kesilen, daralan) | |
| Çaga ruhubelent, hoşamaý, töweregindäkiler bilen pozitiw gatnaşyklarda | |
| *Eger siz “Ýok” ýa-da “Bölekleýin” jogabyny beren bolsaňyz, onda aýratynlyklaryny görkeziň.* | |

| | |
|---|---|
| **5. Işjeňlik we gatnaşyk** *(hawa, ýok, bölekleýin hem-de degişli däl diýip bellik etmeli)* | |
| Çaga dürli çärelere gatnaşýar (dynç alyş, sport, tans, saz we ş.m.) | |
| Ene-ata çagalarynyň maşgalada, mekdepde jemgyýetçilik çärelere gatnaşmagyny höweslendirýärler (medeni, sport, bilim we ş.m) | |
| *Eger siz "Ýok" ýa-da "Bölekleýin" jogabyny beren bolsaňyz, onda aýratynlyklaryny görkeziň.* | |
| 6. **Ýakyn gurşawynyň çagany kabul edişi** *(hawa, ýok, bölekleýin hem-de degişli däl diýip bellik etmeli)* | |
| Çaga özüne hormat goýulýandygyny duýýar, onuň pikirlerine gulak asylýar we dogry kabul edilýär (maşgalada, mekdepde, jemgyýetde) | |
| Çaga özüne degişlilikde bir mesele boýunça karar berilmegine gatnaşýar (maşgalada, mekdepde, jemgyýetde) | |
| *Eger siz "Ýok" ýa-da "Bölekleýin" jogabyny beren bolsaňyz, onda aýratynlyklaryny görkeziň.* | |
| **7. Jogapkärçilik** *(hawa, ýok, bölekleýin hem-de degişli däl diýip bellik etmeli)* | |
| Çaga maşgalada, mekdepde we jemgyýetde düzgün-kadalary we görkezmeleri berjaý edýär | |
| Çaga maşgalada, mekdepde, jemgyýetde öz ýaşyna we mümkinçiliklerine görä borçlary ýerine ýetirýär | |
| *Eger siz "Ýok" ýa-da "Bölekleýin" jogabyny beren bolsaňyz, onda aýratynlyklaryny görkeziň.* | |

**V.Çaganyň zerurlyklaryny bahalandyrmagyň jemleri boýunça esasy netijeler:**

________________________________________

**VI.Çaganyň öz ýagdaýy boýunça pikir düşünjesi** (çaganyň ýaşyna we düşüniş derejesine laýyklykda doldurylýar):-

________________________________________

**VII.Çaganyň ýagdaýy we zerurlyklary barada ene-atanyň pikir-düşünjeleri:-**

________________________________________

## §2. Maşgalanyň (hossar ýa-da howandar bellenilen maşgalanyň) we ýakyn gurşawynyň toplumlaýyn bahalandyrylmagy

**I. Çaganyň maşgalasy hakynda umumy maglumatlar**

| Maşgala ýagdaýy | Doly (nikaly) ◻ | Doly (nikasyz) ◻ | Doly däl (aýrylyşan) ◻ | Doly däl (ene-atanyň biriniň ölümi) ◻ | Ýalňyz eje /kaka ◻ |
|---|---|---|---|---|---|
| Maşgalanyň öň alan durmuş goldawy | Durmuş hyzmatlary:<br>-<br>-<br>- | | Durmuş kömek tölegi (pul):<br>-<br>-<br>- | | |
| **Maşgalanyň duş gelýän meseleleri** (işsizlik, saglygy bilen bagly, arakhorlyk, maşgalada zorluk alamatlary we ş.m. görkezilmegi) | | | | | |

**II. Çaganyň ösmegi we terbiýelenmegi üçin şertleri üpjün etmäge bolan mümkinçilikleri**

| Ene-atalaryň durnuklulygy/tutanýerliligi *(hawa, ýok, bölekleýin hem-de degişli däl diýip bellik etmeli)* | **Enesi** | **Atasy** |
|---|---|---|
| Öz-özüne seredýär, öýüni, hojalygyny tertipde saklaýar | | |
| Hojalyk we çaga seretmekde kömege mätäçdigini kabul edýär | | |

| | | |
|---|---|---|
| Alkogolly içgileri içmek / neşe serişdelerini ulanmagy bilen bagly meseläniň bardygyny we keselinden bejergi almagyň zerurdygyny kabul edýär. | | |
| Maşgala býujetini maliýeleşdirip we dolandyryp bilýär | | |
| Jogapkärçilik almaga çalyşýar, işleýär, ýaşamak üçin gazanç etmek mümkinçiliklerini gözleýär | | |
| *Maşgalanyň tutanýerliligine/durnuklylygyna degişlilikde netije çykaryň (maşgalanyň kynçylyklary ýeňip geçmäge bolan ukyplary):* | | |
| **Çaganyň terbiýesi we ösüşi babatynda ene-atanyň endikleri** *(hawa, ýok, bölekleýin hem-de degişli däl diýip bellik etmeli)* | **Enesi** | **Atasy** |
| Ösüş we özüni alyp barmagyň häsiýetlerini kemala getirmek üçin çaganyň zerurlyklaryny bilýär we olara düşünýär | | |
| Çagadan dogry hereketlere garaşýar | | |
| Çaga bilen aragatnaşyk saklap bilýär | | |
| Çaganyň nirededigini ol hemişe bilýär | | |
| Çaganyň terbiýesi we ösüşi boýunça maglumat/maslahat gözleýär | | |
| Ene-ata ýygnaklaryna, mekdep ýaşyna çenli edara ýa-da mekdep çärelerine gatnaşýar, çaga öý işlerini etmäge kömek edýär, çaga bilen bilelikde okaýar we beýlekiler. | | |
| *Çaganyň ösüşi üçin ene-atanyň/howandaryň alada etmäge we ýardam bermäge ukybyna degişlilikde netije çykaryň* | | |
| **Maşgalanyň esasy idegi üpjün etmäge we çaganyň hukuklaryny goramaga ukyby** *(hawa, ýok, bölekleýin hem-de degişli däl diýip bellik etmeli)* | **Enesi** | **Atasy** |
| Öz we çaganyň hukuklaryny we bähbitlerini gorap bilýär | | |
| Zerur bolan hyzmatlary üstünlikli ulanmak bilen bagly tejribesi bar | | |
| Işe girmek we täze endiklerini ösdürmek üçin kömege mätäç (okuw, telekeçilik işini ýöretmek) | | |
| Lukmançylyk kömegini nirede we nähili almalydygyny bilýär | | |
| *Zerur bolan hyzmatlary (durmuş, lukmançylyk, bilim we beýlekiler) almak üçin ene-atanyň ýüzlenme ukyplaryna degişlilikde netije çykaryň* | | |
| **Mähir görkezmek we çaganyň emosional we durmuş endikleriniň ösdürilmegi boýunça ene-atanyň ukyby** *(hawa, ýok, bölekleýin hem-de degişli däl diýip bellik etmeli)* | **Enesi** | **Atasy** |
| Çaga duýgularyny görkezmäge iterýär we olara jogap berýär | | |
| Çaganyň pikirini soraýar we gündelik meseleleriň çözülmegine gatnaşdyrýar | | |
| Çaga beýleki çagalar we ulular bilen aragatnaşyk saklamagy öwredýär we höweslendirýär | | |
| Çaga ýagşylyk bilen ýamanlygyň arasyndaky tapawudy bilmäge kömek edýär, özüni alyp barmagyň kadalaryny we kabul edilýän çäklerini kesgitleýär | | |
| ***Çaganyň emosional we durmuş taýdan ösüşine düşünmek we gatnaşmak boýunça ene-atanyň ukyplaryna degişlilikde netije çykarmak*** | | |

**III. Maşgalanyň bahalandyrylmagy boýunça jemleriň umumy netijeleri ________________________**

________________________________________________________________________________

| Maşgalanyň ýagdaýynyň güýçli taraplary | Maşgala ýagdaýynyň gowşak taraplary |
|---|---|
| | |

**IV. Maşgalany bahalandyrmagyň netijeleri hakynda ene-atanyň pikir-düşünjeleri:-**

________________________________________________________________________________

*§3. Maşgalanyň görkezijileri we ýakyn gurşawynyň bahalandyrylmagy*

**I. Maşgalanyň taryhy:-** Maşgalanyň taryhyny, onuň durmuşynda bolup geçen has wajyp wakalary (hadysalary) şol sanda kynçylykly ýagdaýlary, çaganyň ösüşine täsir edip biljek şikesli wakalary görkezmek bilen beýan ediň, emosinal gurşawy we maşgalada özara gatnaşygy bahalandyryň (sazlaşykly, özara goldaw, dynç alşyň bilelikde geçirilmegi we beýlekiler).

| |
|---|
| |

**II. Ýaşaýyş şertleri we maşgalanyň abadançylygy**

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Maşgala aşakdaky ýerlerde ýaşaýar: | Öz hususy öýünde □ | Garyndaşlary / dostlary bilen □ | Wagtlaýyn öý (kireýine) □ | | Wagtlaýyn öý (kireýsiz) □ |
| Ýaşaýyş meýdany___ | Ýaşaýyş otaglaryň sany_______ | | Olaryň arasyndan ýyladylýanlar _____ | | |
| Jaý şulara mätäç | Timarlanmaga □ | Düýpli timar işlerine □ | Jikme-jik aýratynlyklary: | | |
| Öý işlerini ýerine ýetirmek, oýunlar üçin şertler barmy? | | | | Hawa □ | Ýok □ |
| Öý elektrik üpjünçiligine birikdirilenmi? | | | | Hawa □ | Ýok □ |
| Agyz suwy | | | | Hawa □ | Ýok □ |
| Arassaçylygy goldamak üçin şertler barmy? | | | | Hawa □ | Ýok □ |
| Öý degişli tehnika bilen üpjün edilen (plita, sowadyjy, telewizor we beýlekiler) | | | | Hawa □ | Ýok □ |
| Maşgalanyň gazanjy | Aýlyk zähmet haky Hawa □ Ýok □ | Pensiýa / durmuş kömek pullary Hawa □ Ýok □ | Daşary ýurtdan tölenýän serişdeler Hawa □ Ýok □ | | Tötänleýin gazançlar (şol sanda möwsümleýin) Hawa □ Ýok □ |
| Girdejileri jemagat hyzmatlaryny (elektriki togy, gaz we ş.m.) iýmit, derman, egin-eşik, aýakgaplaryny tölemäge ýeterlik | | | | Hawa □ | Ýok □ |

**III. Maşgala kömek we goldaw berip biljek töweregindäki şahslar we edaralary kesgitlemek üçin maşgalanyň durmuş goldaw töweregi**

| *(hawa, ýok, bölekleýin hem-de degişli däl diýip bellik etmeli)* | **Enesi** | **Atasy** |
|---|---|---|
| Dostlary bar we goňşylary bilen gowy aragatnaşyk saklaýar | | |
| Mesele ýüze çykan halatynda dostlaryna, goňşularyna kömek sorap ýüzlenýär we berlen kömegi alýar | | |
| Beýleki şahslara goldaw berýär | | |
| Jemgyýetde geçirilýän çärelere gatnaşýar | | |
| ***Maşgalanyň durmuş goldawy bilen bagly töweregine degişlilikde netije çykarmak:*** | | |

**IV. Jemgyýetiň çeşmeleri (sanap bermek we beýan etmek):-**_____________________________________________

________________________________________________________________________________

**V. Maşgala töwereginiň bahalandyrylmagyň jemleri boýunça netijeleri:-**_________________________
_____________________________________________________________________________________

| Maşgala töwereginiň güýçli taraplary | Maşgala töwereginiň gowşak taraplary |
|---|---|
| | |

**VI. Maşgala töwereginiň bahalandyrylmagynyň netijeleri boýunça pikir-düşünjeleri:-** ______________________
_____________________________________________________________________________________

**VII. Çaganyň we maşgalanyň toplumlaýyn bahalandyrylmagyna gatnaşdylar:**

| № | Ady, familiýasy, atasynyň ady | Wezipesi | Goly |
|---|---|---|---|
| 1. | | | |
| 2. | | | |
| 3. | | | |
| 4. | | | |
| 5. | | | |

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2023-nji ýylyň 15-nji iýunynda 1714 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.